# Ynsan bolmagyň we bagtly ýaşamagyň kanunlary

Category: Filosofiýa,Kitapcy,Nukdaýnazar,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ynsan bolmagyň we bagtly ýaşamagyň kanunlary **Serdar Ataýewiñ Nukdaýnazar sahypasy üçin ýörite çykyşy**



03.11.2023 ý.
Dünýäde kanun köp.
Hukuk kanunlary, fizikanyň kanunlary, matematikanyň, ykdysadyýetiň, sosiologiýanyň, sungatyň, edebiýatyň we ş.m. kanunlary.
Bu kanunlaryň hemmesem – ynsan paýhasynyň miwesi.
Näme üçin beýle diýilýä?
Çünki bu ýalňyş ahyry.
Sebäbi hukuk kanunlaryny, edebiýatyň, sosiologiýanyň we beýlekileriň kanunlaryny ynsan aňy emeli usulda, özüniň dünýä düşünişine, abstrakt gözýetimine laýyklykda oýlap tapyp, olaryň mazmunyna kesgitleme berenem bolsa, fizikanyň, biologiýanyň, himiýanyň we beýlekileriň kanunlary ynsan ýokka-da bardy, ynsan bolmasa-da bolmazmy eýse?
Bu elbetde şeýle.
Ýöne, häzirki zaman ylmynyň we tutuş ynsanyýetiň dünýägaraýyş paradigmasynda umumy ykrar edilen fizikanyň kanunlaram, ynsanyýetiň özüniň ol ýa-da beýleki bir tebigy, fiziki hadysalara aň ýetiriş mümkinçiliklerine esaslanyp düşünildi. Ýagny, “açylan” diýlip yglan edildi.

Söz – ynsan paýhasynyň miwesi.
Mantyk (logika) – ynsan paýhasynyň miwesi.
Diýmek, ol ýa-da beýleki fiziki kanunalaýyklyklara, sözden we logikadan peýdalanyp berlen kesgitleme-de ynsan paýhasyndan dörän zat bolýar.
Şeýlelikde, fizikanyň göräýmäge, adamzat paýhasyna dahylsyz kanunlaram, ynsan aňynyň şol kanunlaryň hamyrmaýasynda durýan hadysalaryň özenine, mazmunyna, statikasyna we dinamikasyna düşünip bilşine görä, olara kesgitleme berlen dälmi?
Onsoňam, umumadamzat paýhasynyň ösüşiniň, aň ýetiriş mümkinçilikleriniň giňemeginiň, artmagynyň netijesinde, ynsan aňynyň dürli döwürleriniň paradigmasynda umumy ykrar edilen ol ýa-da beýleki bir fizikanyň kanunynyň hem düýpgöter özgerýändigini ýa-da onuň ret edilip, ýerine fizikanyň täze "kanunynyň" açylyp (ynsan paýhasy tarapyndan işlenip düzülip), täze paradigma derejesine çykýandygynyň näçe gezek şaýady bolundy?
Iň bir ýönekeý hem-de salgylana-salgylana lenji çykarylan mysal: gadymyýetde adamlar ýeriň şar şekillidigini bilmändirler, onuň öküziň şahynda, pyşdylyň arkasynda, läheňiň gerşinde we ş.m. ýerlerde durandygyna ýa-da gadymy grekleriňki ýaly Zeminiň tekiz disk şekilli bolup, mähnet ummanda ýüzüp ýörendigine ynanypdyrlar.
Bujagaz giriş sözi bilen näme diýmekçi bolunýar?
Ynsan aňynyň döreden hemme zadynyň özeni bir bolandygy üçin, ýagny, olaryň barysynyň ynsan logikasyna, ynsan akylynyň mümkinçiliklerine esaslanyp, şolardanam gelip çykýandygy üçin, olaryň ählisi biri-birine eriş-argaç baglanyşykly bolup durýar.
Netijede, şu ýokarky gipotezadan (çaklamadan) ugur alynsa, adamyň durmuşyna, adamkärçilige, ynsan bagtyna göräýmäge dahylsyz bolup görünýän fizikanyň kanunlarynyňam şolar bilen pugta arabaglanyşyklydygyna akyl ýetirmek bolýar.
Mysal üçin: fizikanyň kanunlarynyň biri bolan **Bitewülik kanunyna** laýyklykda – Bütin Älemde bar bolan ähli zatlar düzüm bölejiklerinden – atomlardan ybarat bolup, olaryň ählisem energiýanyň ol ýa-da beýleki bir görnüşdäki aňlatmasydyr/ýüze

çykmasydyr.
Has ýönekeý aýdylanda – Älem – bu energiýadyr.
Bu barada Albert Enşteýn şeýle belläpdir: “Dünýäde hemme zat energiýadyr. Energiýa hemme zadyň özeninde durýar. Eger-de siz özüňiz üçin döretmek isleýän hakykatyňyzyň (reallygyňyzyň) energetiki ýygylyk tolkunyna sazlansaňyz (awt.: “şonuň bilen utgaşsaňyz”), onda siz öz ýygylyk tolkunyňyz nämä sazlanan (awt.: “utgaşan, gönügen”) bolsa hut şony hem alarsyňyz. Bu – filosofiýa däl. Bu – fizika”.
Beýik alymyň bu aýdanlaryna esaslanyp, ruhana jandar, ýagny, daş-töweregini gurşaýan dünýäni seljerip, oňa aň ýetirip, ol barada abstrakt oýlanyp hem-de oňa öz mümkinçilikleriniň çäklerinde belli bir derejede akylly-başly, erk-islegli täsir edip bilýän jandar hökmünde adama, özüniň şahsy energiýasynyň üsti bilen daşyndaky dünýä anyk üýtgeşmeleri girizmek mümkinçiliginiň berlendigi barada netijä gelmek bolýar.
Ol täsir, şol täsiri edýäniň özi üçin erbet bolarmy ýa-da gowy?
Muny-da çözmek ygtyýarlygy ýene-de şol täsiri edýäniň özüne bagly.
“Gazma düşersiň, ýakma bişersiň” diýýän nakyl ýadyňyza düşýärmi?
Edil şonuň ýaly, dünýä tarap göwnüňden gül zyňsaň, olam saňa gül oklaýar. Dünýäni, onuň saňa görkezýän “sahna oýnundan” närazy bolup, owasiýalardyr çemenleriň deregine, “çüýrük pomidor” ýa-da “palak ýumurtga” bilen oka tutsaň, onda olam seni boýdan-başa, tä gark bolýançaň nejasada gömýär…
…diýen netije, ýokarky aýdylanlardan gelip çykýar :-).
Fizikanyň ýene-de bir kanuny – **Yrgyldylaryň (wibrasiýanyň) kanuny**. Bu kanuna başgaça: “Energiýalaryň hereketi hakda kanun” diýilýän ýerlerem bar. Özleriniň hil ýagdaýyna baglylykda, energiýanyň dürli görnüşleri birleşmäge hem ukyply. Fizikanyň bu kanuny başgaça: “Kybapdaşlyk kanuny” diýlibem atlandyrylýar, ýagny meňzeşlik meňzeşligi özüne dartýar we gapma-garşylygy itýär (inkär edýär). Adamlaryň ol ýa-da beýleki görnüşdäki bileleşiklere, birleşmelere birigmegem hut şu kanunyň esasynda amala aşýar (“Pis pisi

tapar, suw pesi” diýen nakyl ýada düşüp gitd-aý! :-)).
Şeýlelikde, aglaba köp ýagdaýlarda adamlaryň içki energetiki ýagdaýlary kybapdaş bolsa, şol kybapdaşlygam olary birek-birege ýakynlaşmaga mejbur edýär. Netije-de, dostluk, ýoldaşlyk, söýgi ýüze çykýar. Biziň her birimiziň durmuşda käbir halatlarda haýsydyr bir adamlaryň toparyna goşulyp, gatyşyp-garyşyp bilmezligimiz ýa-da kimdir birini “jynymyzyň almazlygam”, megerem, hut şol energetiki halymyzyň gapma-garşylygy sebäpli ýüze çykýan bolsa gerek.
Fizikanyň ýene-de bir kanuny – **Energiýanyň saklanyp galmagy hakynda kanun** bolup durýar. Oňa laýyklykda, energiýanyň islendik görnüşi, şol sanda hereket ediji häsiýetlilerem öz-özünden döremeýär we ahyrynda düýbünden ýok bolup gitmeýär. Energiýanyň ol ýa-da beýleki bir görnüşleri hemişe Älemde bar we olar hereket etmeýän wagtlary statiki halda durýarlar. Soňam, her bir energiýanyň özüne mahsus bolan toplanyş/jemleniş hadysasynyň netijesinde herekete girmek üçin zerur möçberi jemläp ýa-da energiýanyň başga bir görnüşiniň täsir etmegi zerarly, hereket etmäge başlaýarlar.
Haçan-da energiýanyň belli bir görnüşiniň hereket etmegini dowam etdirmegi üçin zerur bolan mukdary azalandan soňra ýa-da oňa ony herekete iteriji energiýanyň täsiri aýrylsa, energiýanyň şol görnüşi ýene-de öňki – statiki (gymyldysyz, yrgyldysyz) halyna dolanyp gelýär. Mysal üçin: çüý kakylanda, kakyljak direlip saklanýan wagtynda statikada duran çüý, özünde potensial energiýany saklaýar. Haçan-da çekiç bilen çüýe urlanda, ol başga energiýanyň täsiri bilen kinetiki energiýa eýe bolýar we kakylýan ýerine girmäge başlaýar. Fizika ylmynda potensial energiýa bilen kinetiki energiýanyň jeminden bolsa, täze mehaniki energiýanyň emele gelýändigi kesgitlenýär. Netijede çüý mehaniki energiýanyň täsiri bilen öz kakylýan jisiminiň (tagtanyň, diwaryň) içinde hereket edýär.
Fizikanyň bu kanunyny ynsançylyga, ynsan durmuşyna ulanylanda, kalbynda ýigrenç, gahar-gazap ýaly duýgulary dyngysyz göterip, çar ýanyna psihiki-emosional “zäherini” pürküp ýören adamlaryň aglaba köp ýagdaýlarda işiniň şowsuz bolup, kesellere, dürli

betbagtçylyklara uçraýandygyna, tejribede näçe diýseň duş gelmek bolýar. Munuň tersine, hemişe göwnaçyk, ruhana gezýän, adamlar bilen ýagşy gatnaşyk saklamaga ymtylýan adamlaryň bolsa, saglygynyňam, şahsy durmuşynyňam, maddy hal-ýagdaýynyňam kadaly bolýandygy, köp sanly durmuşy mysallarda görle-görle gelinýär.
Şeýlelikde, bu aýdylanlardan, ynsan gatnaşyklarynda ýagşy duýgulardyr-pikirlerem, ýaman niýetlerdir-isleglerem özboluşly bir energiýa bolup, olaryňam dünýädäki başga bir energiýalary herekete girmäge iteriji güýç bolup çykyş edýändigi hakynda netije gelip çykýar.
Edil şonuň ýaly, ol ýa-da beýleki bir jemgyýetiň agzalarynyň arasynda dostana, sabyrlylyk gatnaşyklary agdyklyk etse, şeýle jemgyýetde dürli çylşyrymly näsazlyklar az bolýar ýa-da olar ýüze çykan halatynda-da aňsatlyk bilen ýeňlip geçilýär. Tersine, haýsy jemgyýetde bisabyrlyk, birek-birege ýigrenç, tekepbirlik, kemsidiji garaýyşlar köp bolsa, uzagyndan bu negatiw energiýa özüniň herekete girmegi üçin zerur möçberi toplaýar-da, jemgyýeti sarsdyryjy pajygalyklar bilen “partlaýar”.
**Energiýalaryň deňme-deň çalşygy hakynda kanun** – fizikanyň ýene bir kanuny bolup durýar. Gysgaça aýdylanda bu kanunyň mazmuny, Älemde bir zat bermän ýerine başga zat alyp bolmaýandygyny aňladýar. Çünki dünýäniň niresindedir bir ýerinde nämedir bir zat näçe möçberde kemelse, onuň başga bir ýerinde başga bir zat hut şonça möçberde-de artýar. Mysal üçin, hemmämize mälim, Arhimediň kanunyny ýadymyza salalyň! Gidrostatikanyň we aerostatikanyň kanuny: suwuklyga ýa-da gaza çümdürilen jisime, şol jisim tarapyndan gysylyp çykarylan suwuklygyň ýa-da gazyň göwrüminiň agramyna mukdar taýdan barabar itip çykaryjy güýç täsir edýär.
Şeýlelikde, ýokarda agzalan kanuny ynsan gatnaşyklary barada ulanylanda, has ýönekeýleşdirip aýdyp bolar:
-Bermän alyp bolanok! Alýanyň berýäniňe barabar bolýar!
Özem bu kanunyň ynsan gatnaşyklaryndaky esasy tapawudy: nämedir bir zady almak, oňa mynasyp bolmak üçin, ilki hökman almak isleýäniňe barabar bir zady bermeli.

Meşhur hindi gurusy (mugallymy, halypasy), ýazyjysy, şahyry, nakgaşy, sazandasy Şri Çinmoýyň (Çinmoý Kumar Ghoş – 1931-2007) aýdyşyna görä: “*Siz diňe özüňizde bar zady berip bilersiňiz. Siz diňe beren zadyňyzy alarsyňyz*”.
Şu ýerde, “dile geldi, bile geldi”, halkymyzyň meşhur aýtgysyny ýadymyza salmak ýerlikli bolarmyka diýýän – Ýagşylyk et, derýa at, balyk bilmese Halyk (awt.: Allatagalanyň gözel 99 adynyň biri) biler.
Hereket we garşylyklaýyn hereket hakynda kanun. Fizikanyň bu kanunyny ynsan durmuşyna dahyllylykda ulansaň, biziň bütin durmuşymyzda islendik hereket, garşylyklaýyn hereketi emele getirýär – bu Diriligiň derwaýys şerti. Sebäbi garşylyk ýok ýerinde, oňa garşy göreş, oňa garşy hereket ýok. Hereketiň ýok ýerinde ilk-ä durgunlylyk, soňam yza tesiş, çökgünçilik başlanýar. Tejribeden belli bolşy ýaly, megerem, hut şonuň üçindir, ynsan durmuşynda bäsdeşlik näçe köp boldugyça dyzmaçlygam, ösüşem şonça artýar.
**Otnositellik (dahyllylyk) kanuny**. Elbetde bu kanun, onuň bilen atdaş bolsa-da, bu ýerde Albert Eýnşteýniň oýlap tapan we işläp düzen otnositellik nazaryýeti göz öňünde tutulmaýar. Ynsanlaryň özara gatnaşyklary we adam durmuşy bilen baglylykda bu kanuna, adatça şeýle kesgitleme berýärler: “Älemdäki islendik hadysa, waka, maddy zat (obýekt), diňe onuň beýleki hadysalara, wakalara we zatlara bolan gatnaşygynyň üsti bilen häsiýetlendirilip bilinýär”. Ýagny, Fridrih Nisşäniň sözleri bilen has gysgaldylyp aýdylanda: “Hemme zada deňeşdirip düşünilýär (aň ýetirilýär)”.
Şeýlelikde, bu Älem kanunynyň kesgitlemesinden ugur alsak, dünýäde hiç zada, ony şoňa kysymdaş başga bir zat bilen deňeşdirmesiz akyl ýetirip bolmaýandygy hakynda netije gelip çykýar. Otnositellik (dahyllylyk) kanunyna laýyklykda-da, haýsydyr bir başlangyç nokady anyklap, şondan ugur alybam, şonuň daş-töweregindäki ähli zatlaryň mazmunyna ol ýa-da beýleki bir derejede düşünmek mümkin bolýar. Mysal üçin: uzynlygy metrde, futda, menzilde ýa-da farsahda ölçemek. Şeýdibem, nämedir bir zatdan uly ýa-da kiçi, sowuk ýa-da gyzgyn, beýik ýa-da pes we ş.m. düşünjeler peýda bolýar.

Bu kanunyň ynsan durmuşyna, adamyň bagtly ýaşaýyşyna düşünmek üçin ulanylmagy barada aýdylanda bolsa, şahsyýet özüniň dünýädäki ornuna, hal-ahwalyna düşünmek üçin, özüne-de, daş-töweregini gurşaýan dünýäsine-de kesesinden seredip, akyl ýetirmeli bolýar. Munuň üçinem oňa deňeşdirme seljermesini başlar ýaly, ýokarda agzalan “başlangyç nokady” zerur. Şol başlangyç nokadam şahsyýetiň içki gymmatlyklar ulgamydyr. Çünki her bir şahsyýetiň ynançlary, dünýägaraýyşy onuň dünýä düşünişiniň özeninde durýar.

Adamyň teni gabyk bolsa, onuň ynançlary, dünýägaraýyşy – şol hozuň “maňzy”. Maňyz näçe sagdyn bolsa – ol şonça-da süýji, peýdaly, ýokumly bolýar.

Maňzy sagdyn edýän zatlar bolsa – ýagşy pygyllar, päk niýetler, päk duýgulardyr-ynançlar.

Şeýlelikde, dünýä mähriban göz bilen garaýan adam üçin dünýä ýeterlik derejede päkize görünýär. Gurbannazar Ezizow diýmeýärmi:

*Kim aýdypdyr pany diýip barlyga?*
*Ýaşanyňa juda degýär bu dünýä.*

Älemiň bu kanunynyň mazmunyny türkmen dilinde has düşnükli beýan etmek üçin bolsa, ata-babalarymyzyň: “Ýagşyny görde pikir et, ýamany görde şükür et” diýen nakylyny ýada salmak ýeterlikmikä diýýän.

Tibet lamasy, buddaçylyk ynanjynyň mugallymy Dzogçen Ranýak Patrul Rinpoçe (1963 ý.d.) ynsan bolmagyň we bagtly ýaşamagyň formulasyny sadalyk bilen şeýle belleýär: “*Hemme keselleriň iň gowy dermany – ýagşy niýetleriň çäginden çykmazlyk*”.

Ýa-da, amerikan ýazyjysy, “Hudaý bilen söhbetler”, “Hudaý bilen dostluk”, “Hudaý bilen bitewüleşmek” atly bestsellerleriň ýazary Nil Donald Uolş (1943 ý.d.) bolsa bu barada şeýle ýazypdyr: “*Sen öz ýaşaýan hakykatyňy (reallygyňy), öz yrgyldylaryň (wibrasiýalaryň), özüňden çykýan energiýaň bilen özüň döredýärsiň*”.

Bir rowaýat bar:

*Bir ýigit, çagalygyndan juda kän kitap okapdyr. Okan kitaplaram oňa düýpli täsir edip, ol ilki bilen-ä bütin dünýä düşünip, şol düşünmekliginiň üsti bilenem adamlaryň akyl-*

*paýhasyna, ruhy dünýäsine täsirini ýetirip, hemmeleri bagtly etmegiň kül-külüne düşüpdir. Emma ol näçe okasa-da kitaplardan öz agtarýan sowallaryna anyk hem düşnükli jogaplary tapmandyr. Onsoň ol Allatagala mynajat edipdir:*
*-Eý Rebbim! Maňa bu ymgyr dünýä düşünmek üçin ýeterlik akyl-paýhas ber!*
*Emma, ol näçe nalyş etse-de oňa Haktagaladan hiç hili yşarat bolmandyr.*
*Ýöne, zanny erjel ýigit, onda-da ruhdan düşmän, ýene-de öňküsi ýaly özüni azara goýýan soraglaryň jogabyny kitaplardan gözlemegini dowam edipdir.*
*Ýyllar ötüpdir.*
*Ýigit öýlenipdir.*
*Çaga-çugaly, özbaşyna öý-öwzarly bolupdyr.*
*Ýüreginde birneme hyjuwy ýatyşypdyr.*
*Indi ony öňküsi ýaly bütin älem-jahanyň manysy, ähli ynsanyýeti bagtly etmegiň ýollary hem najady alada goýman, diňe öz maşgalasy, hojalygy iňkise gidiripdir.*
*“Däliň belläni demirýol” diýlişi ýaly, öz maşgala aladalarynyň, özüniň aýaly, çagalary bilen gatnaşyklarynda ýüze çykýan meseleleriň çözgüdini agtaryp, ol ýene-de kitaplara ýapyşypdyr.*
*Emma, ol näçe kitap dörse-de, bu sowallarynyň hem özüni doly kanagatlandyrýan jogabyny kitaplardan tapyp bilmändir.*
*Onsoň ol ýene-de Keremli Perwerdigäre ýüzlenipdir:*
*-Ýa Rebbim! Maňa bu öz maşgalama, hatynyma, çagalaryma düşünmek üçin ýeterlik akyl-paýhas ber!*
*Ýöne, bu saparam Biribardan onuň towakgasyna jogap bolmandyr.*
*Onda-da ol lapyny keç etmän, ýene-de öz soraglaryna jogap agtaryp, kitap okamagyny dowam ediberipdir.*
*Ýyllar ötüpdir.*
*Ýigit garrapdyr.*
*Aýaly – kempir, çagalarynyň her haýsy – özbaşyna öý-işikli, bala-çagaly.*
*Onsoň ol indi täk özüne düşünmek üçin, özüne göz ýetirmegiň ugrunda kitap okamaga başlapdyr. Kitap okamakdan ýadan pursatlaram öz-özüne akyl ýetirmek üçin juda kän oýlanypdyr.*

*Emma, näçe okasa-da, näçe kelle döwse-de ol bende özüne dolulygyna hiç göz ýetirip bilmändir.*
*Onsoň ol, gark bolup barýanyň sypala ýapyşyşy deý, ýene-de Hudaýtagala ýalbarmaga girişipdir:*
*-Eý-a Rebbim! Maňa özüme düşünmek üçin ýeterlik akyl-paýhas ber!*
*Şol pille-de asmandan owaz gelipdir:*
*-Şundan başlamalydyň, bendäm! Hemme sowalyň jogaby ine şunda dälmi, eýse?!*
Adaty ynsan bagty hakynda bolsa bir henek bar:
*-Ezizim, sen nämäni bagt diýip hasaplaýarsyň?-diýip, aýaly ägirt uly şelaýynlyk bilen ärinden soraýar.*
*-Janym, bagt – bu seniň ýaly ajaýypdan owadan aýalyň bolmagy,-diýip, äri onuň garaşýan jogabyny berýär.*
*-A onda betbagtlyk näme?-diýip, Ýediň enesi ýaly soranjaň hatyn, äri görgülini gününe goýmaýar.*
*-Betbagtlykmy?-diýip, äri eşidiler-eşidilmez hüňürdeýär:-Betbagtlyk – bu seniň ýaly bagtyň bolmagy.* 
Iňlislerde bir gowy jümle bar:
-I see you!
Men seni görýän!
Olaryň düşünişine görä, bu jümle nämäni aňladýar?!
Ýalňyşmasam, esasan ABŞ-nyň iňlis dilli ýaşaýjylaryna mahsus bolan bu frazeologizm, giňeldip alanyňda: “Men seni görýän! Seniň bardygyňy, golaýymdadygyňy bilýän! Seni undamok! Seni görmezligime salmaýaryn! Senem meniň ýaly, meniň bilen deň adam! Diýmek, men nähili hereket etsem-de, senem göz öňünde tutup, seni ynjytmajak bolup, saňa päsgel bermezlige çalşyp, hereket ederin! Şonuň üçin, seniňem men babatda şonuň ýaly hereket etjekdigiňe garaşýan we ş.m., we ş.m…” diýildigi bolaýýar öýdýän.
Ajaýyp jümle.
Mähriban söz.
Bary-ýogy üçje söze ymgyr dünýägaraýyşy, pelsepäni sygdyrmagy başarýan ýüzlenmejik.
Şonuň üçinem, gara nebsiň ugrunda şallaklanyp ýörülişine, adaty adamlaryň birek-birege mähriban bolmalydygy hakyndaky

ynsany ynsan edýän düşünjä düýbünden gerekmejek zat ýaly garap, onuň zibile zyňylýan hem-de dünýäniň uruş-gyrgynçylykdan dos-doly şu günlerinde, fizikanyň käbir kanunlarynyň, şol birwagtda ýagşy ynsan bolmagyň hem bagtly ýaşamagyň kanunlary hökmünde-de çykyş edýändigi barada şu **gysgajykga** nukdaýnazarymy, hut şol jümle bilenem tamamlasym gelýär:

**-Men sizi görýän!**

*Dürli internet maglumatlarynyň esasynda taýýarlandy.*
Nukdaýnazar